# Güller dünýäsi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Güller dünýäsi GÜLLER DÜNÝÄSI



Ýene-de açyldy bahar gülleri,
Ýaşyl ýazly dünýä geldi ýañadan.
Penjireden garap durun daşaryk,
Baky dünýäñ neneñ ajap, Ýaradan!
Ak gyñaçly enem sergin şemala,
Galpagny sypaýar ogul agtygnyñ.
Birmahal meñ başym sypalan eller,
Hözirini görüp otyr bagtynyñ.

Yşkyñ ataşyndan möeç urýar kalplar,

Juwanlygyñ sazyn çalýar bilbiller.
Söýgiñ ummanyna gark bolýan ýaşlar,
Uzadyp dur dünýä desse ter güller.

Hünji kimin düzülipdir ýyldyzlar,
Aý ýylgyryp, Ýere bakyp dur, ine.
Heýjana gelipdir asuda Asman,
Mährini siñdirip bu gün Zemine.

Bahar şeýdip şeýle gelýär ülkäme,
Gaýtalanmaýar ol, müñ dürli owaz.
Ömrüñ iñ ajaýyp pursaty bolup,
Täzelenmeýär ol, ebedi juwan. Goşgular